# Magşar diwaly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Magşar diwaly – Meň öňümde gyradeň
Şalar bilen gedalar,
Hem ähli pir-müritler –
Görden gelýär sedalar.

– Indi men dowzahymy,
Günähim näme, Taňrym?
Gezdim namaz-täretli,
Nowruz gary deý aňrym.

– Ynsabyň bitäretdi,
Ynanjyň ganyňda däl.
Mydam üns sadakasyn,
Sorap gezdiň, eý, betpäl.

Ol ýaýlalaň arymsy,
Bozlugy saňa ýatdy.
Dideleň biri gülüp,
Mydam biri aglapdy.

Hemişe netiň-päliň
Aç gurt dek galtamandy.
Altmyş iki damaryň
Hemmesi hantamady.

Ýalyň-ýüzüň perdesi
Togsan bäş gatlaklydy.
Ömrüňde eden haýryň,
Ähլisi matlaplydy…

Muhammetöwez ARRYKOW Goşgular